**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 10-njy oktýabryndaky**
**№ 95 buýrugy bilen tassyklanyldy**

## № 2-dýo “Daşary ýurt döwletleriniň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde okaýan talyplar barada hasabat” (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

# GOLLANMA

№ 2-dýo forma boýunça “Daşary ýurt döwletleriniň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde okaýan talyplar barada hasabaty” daşary ýurt döwletleriniň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine maksatlaýyn şertnamalaýyn taýýarlaýyş ulgamy boýunça okaýan talyplar barada:

a) ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary oktýabryň 5-ne:

1.Türkmenistanyň Bilim minisrtligine

2. Türkmenitanyň Statistika baradaky döwlet komitetine

b) Türkmenistanyň Bilim ministrligi jemleýji hasabaty Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine noýabryň 1-ne tabşyrýar.

### 1 BÖLÜM.
### DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINIŇ ÝOKARY HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINDE HÖKÜMETARA WE PUDAGARA YLALAŞYKLARA LAÝYKLYKDA OKAÝAN TALYPLARYŇ SANY

01-nji bölümde Türkmenistanyň Bilim ministrligi we beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň maksatlaýyn şertnamalaýyn taýýarlaýyş ulgamy boýunça okaýan talyplaryň sany barada maglumatlar görkezilýär.

01-nji setirde daşary ýurt döwletleriniň ýokary hünär okuw mekdeplerinde gündizki okuw görnüşinde okaýan talyplaryň sany görkezilýär.

02-nji seterde “Okaýan daşary ýurdy boýunça” her bir ýurt boýunça bölünip görkezilýär we B sütüni boýunça Dünýa ýurtlarynyň we walýutlarynyň döwlet klassifikatory boýunça kody goýulýar.

03-nji seterde “Okuwa ugradýan ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralar boýunça” her bir ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edara boýunça bölünip görkezilýär we B sütüni boýunça DEBU boýunça kody goýulýar.

04-nji seterde “Taýýarlamagyň ugurlary (hünärler) boýunça” her bir taýýarlamagyň ugry boýunça bölünip görkezilýär we B sütüni boýynça Türkmenistanyň ýokary hünär biliminiň taýýarlygynyň ugurlarynyň we hünärleriň döwlet klassifikatory boýunça kody goýulýar.

### 2 BÖLÜM.
### DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINIŇ ÝOKARY HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINDE HÖKÜMETARA WE PUDAGARA YLALAŞYKLARA LAÝYKLYKDA OKAÝAN TALYPLARYŇ SANYNYŇ ÝAŞY BOÝUNÇA PAÝLANYLYŞY

2-nji bölümde talyplaryň umumy sany okuw ýylynyň başyna dolan ýaşy boýunça paýlanylýar. 1-nji sütüniň 01 we 02 setirleri 1-nji bölümiň 1-nji we 2-nji sütünleri boýunça 01-nji setire deňdir.

**3 BÖLÜM.**
**DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINIŇ ÝOKARY HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINE HÖKÜMETARA WE PUDAGARA YLALAŞYKLARA LAÝYKLYKDA OKAÝAN TALYPLARYŇ SANYNYŇ SEBITLER BOÝUNÇA PAÝLANYŞY**

3-nji bölümde 01-nji setir daşary ýurtlara giden talyplaryň sany 1-nji we 2-nji sütünler boýunça Aşgabat şäheriniň, welaýatlaryň etraplary we etrap hukukly şäherleri boýunça jemi görkezilýär we 1-nji bölümiň 1-nji we 2-nji sütünleri boýunça 01-nji setire deňdir.

**4 BÖLÜM.**
**DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINIŇ ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINDE HÖKÜMETARA WE PUDAGARA YLALAŞYKLARA LAÝYKLYKDA OKAÝAN TALYPLARYŇ SANY**

04-nji bölümde Türkmenistanyň Bilim ministrligi we beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň maksatlaýyn şertnamalaýyn taýýarlaýyş ulgamy boýunça okaýan talyplaryň sany barada maglumatlar görkezilýär.

01-nji setirde daşary ýurt döwletleriniň orta hünär okuw mekdeplerinde gündizki okuw görnüşinde okaýan talyplaryň sany görkezilýär.

02-nji seterde "Okaýan daşary ýurdy boýunça" her bir ýurt boýunça bölünip görkezilýär we B sütüni boýunça Dünýa ýurtlarynyň we walýutlarynyň döwlet klassifikatory boýunça kody goýmaly.

03-nji seterde "Okuwa ugradýan ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralar boýunça" her bir ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edara boýunça bölünip görkezilýär we B sütüni boýynça DEBU boýunça kody goýulýar.

04-nji setirde "Taýýarlamagyň ugurlary (hünärler) boýunça" her bir taýýarlamagyň ugry boýunça bölünip görkezilýär we B sütüni boýynça Türkmenistanyň orta hünär bilimi boýunça hünärlerniiň döwlet klassifikatory boýunça kody goýulýar.

**5 BÖLÜM.**
**DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINIŇ ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINDE HÖKÜMETARA WE PUDAGARA YLALAŞYKLARA LAÝYKLYKDA OKAÝAN TALYPLARYŇ SANYNYŇ ÝAŞY BOÝUNÇA PAÝLANYLYŞY**

5-nji bölümde talyplaryň umumy sany okuw ýylynyň başyna dolan ýaşy boýunça paýlanylýar.1-nji sütüniň 01 we 02 setirleri 1-nji bölümiň 1-nji we 2-nji sütünleri boýunça 01-nji setire deňdir.

**6 BÖLÜM.**
**DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINIŇ ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINE HÖKÜMETARA WE PUDAGARA YLALAŞYKLARA LAÝYKLYKDA OKAÝAN TALYPLARYŇ SANYNYŇ SEBITLER BOÝUNÇA PAÝLANYŞY**

6-njy bölümde 01-nji setir daşary ýurtlara giden talyplaryň sany 1-nji we 2-nji sütünler boýunça Aşgabat şäheriniň, welaýatlaryň etraplary we etrap hukukly şäherleri boýunça jemi görkezilýär we 1-nji bölümiň 1-nji we 2-nji sütünleri boýunça 01-nji setire deňdir.

**Durmuş statistikasy müdirligi**